# Ussatlygyň edebi ýoly

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ussatlygyň edebi ýoly USSATLYGYŇ EDEBI ÝOLY




***Ýazyjy Ata Gowşudowyň «Perman» romanynyň çeperçilik özboluşlylygy***

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi, ýazyjy Ata Gowşudow «Perman» romanynyň gahrymanlaryny çeper sözler arkaly belende göterýär. Olaryň keşplerinde halk goragçylaryny, daýanjyny, bagtly durmuşy ugrunda göreşijileri görýär. Ol gahrymanlaryny öz maksadyndan dänmeýän dag barsyna meňzedýär. «Permanda» Öwezmyrat batyr bilen Kany batyryň keşplerini barsa deňeýär.

Eserde leksiki serişdelerden başga-da, ulaltma (giperbola), kiçeltme (litota) ulanylypdyr. Ylaýta-da, söýgülileriň dilinde ulaltma täsirli ulanylýar. «Onuň ak ýüzi, onuň gara gaşy, janalgyç gara gözleri jadygöýdir, görki-görmegi göýä bir jadygöý ýaly daşlary ereder, daglary ýandyrar» diýdi-de, gelin uludan demini aldy».

Romanda Kany batyryň, Öwezmyrat batyryň ýa-da Gadam aksakgalyň çeper portretleri olaryň häsiýetini hertaraplaýyn öwrenmäge kömek edýär. Gahrymanyň portretini bermek bilen, ýazyjy adamzat durmuşyny açýar: geçip barýan nesil, miras ýa-da gaýtaryp getirip bolmajak hereket… Bu gadymy dessur tutumy gojanyň keşbinde şeýle suratlandyrylýar: «Oturanlaryň üçünjisi gunduz ýaly ak sakgally gojady. Onuň göwre-müçesi kiçiräk görünse-de, gaba kellesi, tegelek ýüzi keşbine agraslyk,

sagdynlyk berýärdi.
Diňe sakgaly däl, giň maňlaýyndaky ösgün gaşlaryna çenli bir gyly galman çuw-ak bolan bu gojada entekler gujur-gaýratyň bardygy görnüp durdy. Onuň egnine geýen lybaslarynyň nähili biçüwdediginiň, nähili reňkdediginiň salgysyny berer ýaly däldi. Kellesine telpek ornuna haýsydyr bir çöl möjeginiň derisini atypdy. Ol derini ile meňzeş kesip-biçip, telpek ýaly edip geýmändir-de, özüniň göwnüne gelşine görä, deriniň kelle tarapyny, aýaklaryny kesişdirip, gözeşdirip-gysyp, kellesinden gaçmaz ýaly edipdir».
Mysaldan görnüşi ýaly, portret diňe bir gahrymanyň daşky keşbini suratlandyrman, eýsem, onuň häsiýetini, içki dünýäsini hem açyp görkezýär. Bu portret arkaly biz gahrymanyň jemgyýetçilik gurluşyna, öz durmuşyna, halkyň ýaşaýşyna bolan garaýşyny we gatnaşygyny bilýäris.
Eserdäki gahrymanlaryň gylyk-häsiýetine, aň-düşünjesine, jemgyýetde tutýan ornuna seredilip, olaryň portretleri hem her haýsynyň häsiýetine görä berlipdir. Muny biz Dykma serdaryň, Seýitmyrat begiň, Hal mollanyň, Anna batyryň, Permanyň, Demirçi ussanyň, Täşli şortanyň portretlerinde aýdyň görýäris. Ýazyjy portretleriň üsti bilen türkmeniň milli häsiýetini-de berýär. «Bularyň biri on ýedi-on sekiz ýaşlar töweregindäki, görmegeý ak ýüzli, gara gaşly, gara gözli, eginbaşy düzüw, başy şempa ak telpekli ýaş ýigitdi. Ikinji talyp bolsa egni hordarak eginbaşly, başy sary telpekli, gany gaçgynrak bugdaý reňk ýüzli, ýigrimi-ýigrimi bir ýaşlar töweregindäki ýigitdi».
Biz bu iki ýigidiň Begli bilen Täçli şortanyň diňe häsiýetleri boýunça däl, eýsem, gelip çykyşlaryna, jemgyýetdäki ornuna görä geýnişlerinde-de tapawutlanýandyklaryny görýäris. Türkmen halkynyň geýnişindäki milli aýratynlygy Öwezmyrat batyryň, Aman batyryň portretlerinde berlişi ýaly, ýazyjy aýal-gyzlary suratlandyranda-da doly açyp görkezipdir. Türkmen gelin-gyzlaryna mahsus owadanlygy hem wasp edip bilipdir:
«Şol wagt kir ýuwup oturan aýallaryň ýeňse ýanyndan bezemen gelin bilen bir gyz gelýärdi. Ýaş gelin boýdan-başa ýüpege çolanypdyr. Onuň gyýma gara gaşlarynyň aşagynda şar-gara gözleri ýylpyldaýardy. Ak ýüzünde towlam-towlam bolup duran

zülplerini baharyň mylaýym şemaly nar ýaňaklarynyň üstüne ýaýradýardy. Ol seýkin ýöräp gelýärdi».
Romanda gahrymanlaryň häsiýetleriniň açylmagynda çeperçilik tärlerine möhüm orun degişlidir. Eserde çeperçilik tärleri gahrymanlaryň daş keşbini, geýimini, durmuş ýagdaýyny, içki oý-pikirini aýdyň şöhlelendirýär. Eserde möhüm aňladyjy serişde hökmünde epitet çykyş edýär. «Perman» romanynda dürli epitetler gahrymanlaryň häsiýetleriniň açylmagyna hyzmat edýärler. Öwezmyrat batyr okyjylaryň öňünde, ilki bilen, batyr ýigit hökmünde janlanýar.
Romandaky epitetleri öwrenmek bilen, olary şeýle toparlara bölmek mümkin: suratlandyryjy, kesgitleýji, bezeýji we baha beriji epitetler. Romanda anyklaýjy epitetler-de duşýar.
«Atalyk hum ýaly çişdi». Bu mysalyň üsti bilen awtor okyja gahrymanyň psihiki ýagdaýyny ýetirýär.
«Bu egninde agyr dag çöken dek ýegşerilip, pikire batyp barýan Öwezmyrat batyrdy». Bu deňeşdirme gahrymanyň içki duýgusyny aňladýar.
«Öwezmyrat batyr öz atlylary bilen şol gije sar uçan ýaly bolupdyr». Munda hal-ýagdaý aňladylýar.
«Kerwenbaşynyň we beýleki argyşçylaryň eden köp töwellalary, ýalbaryp-ýakarmaklary, edil daşa ýagmyr ýagan ýaly gögermedi, ýer almady». Bu deňeşdirmäniň üsti bilen awtor gahrymanyň özdiýenli, berk, keçjal häsiýetini açyp görkezýär.
Romanda deňeşdirme metafora, metonimiýa we epitet bilen utgaşykly ulanylýar. Metafora diliň çeperligini, täsir ediş güýjüni artdyrýar. Romanda metafora iň köp ulanylan çeperçilik serişdeleriniň biri bolup, onuň düzüminde metonimiýa hem duş gelýär. Meselem, «Mamagülüň gözüne çiş kakyldy».
Eserde janlandyrma-da köp ulanylypdyr: «Buýsançly başlary asmanda magallaklap duran galanyň içi adaty joşgun bilen gaýnaýardy».
Ata Gowşudow iki kitapdan ybarat «Perman» romanyny özbaşdak atlandyrylan bölümlerden düzüpdir. Ýazyjy wakalary taryhy-hronologik tertipde ýordumlaşdyryp, yzygiderlilikde beýan edipdir. Belli ýazyjylar Ýazmyrat Mämmediýewiň, Atajan Taganyň romanlary ýaly wakalary gezekleşdirip beýan etmek täri Ata

Gowşudowda hem gabat gelýär. Ýöne bu tär onuň üçin ikinji derejeli kömekçi tär bolmagynda galýar.
Gahrymanyň çaga wagtyndan başlap, uzak döwürleriň içinde başdan geçirýän wakalary esasynda ýordum gurmak däbiniň taryhy eserlerimizde ýörgünli bolandygy bellidir. Mysal üçin, Ata Gowşudowyň «Perman», Ata Atajanowyň «Teke gyzy Tatýana» romanlarynda gahrymanlaryň uzak ömür ýollary yzarlanýar. Şeýle ýordumyň örüsi gahrymanyň ýaşynyň hem aňynyň ösüşi bilen bir wagtda ýaýbaňlanýar.
Esasy tema bilen baglanyşykly başga temalar boýunça ýüze çykýan wakalaryň-da birnäçesini öz içine alýan ýordumy «Perman» romanynda aýdyň görmek bolýar.
Ata Gowşudowyň «Perman» romanyndaky «Dost dosta müňkür», «Ýarym batman jöwene-de degmedik adam» we «Dykma serdar» atly bölümleri aýry-aýry sahnalaryň çalt suratlandyrylmagyna delildirler. Şol esasy pikiriň açylmagyna ýardam edýän gahrymanlaryň bitirýän işlerine awtoryň dili bilen däl-de, olaryň hakyky açyk hereketleri arkaly göz ýetirýärsiň. Bu usul, elbetde, awtoryň utuşydyr. Çünki şeýle beýan ediş usuly «Perman» romanynyň umumy çeperçiligine oňaýly täsir edipdir.
Ýazyjy öz halkynyň dil baýlygyny näçe çuňňur özleşdirse, ol durmuşy doly we aýdyň suratlandyrmaga-da şonça giň mümkinçilik tapýar. Çünki dilde hakykatyň ähli öwüşginlerini aňladýan serişde bar. Her bir ýazyjynyň diliniň şol serişdelere baýlygy-da, onuň öz halkynyň durmuşyna, ruhy dünýäsine giňden belet bolmagyna baglydyr. Sebäbi dildäki ähli sözler we serişdeler halkyň durmuşyndaky aýry-aýry zatlary, hadysalary, duýgy-düşünjeleri, pikirleri dogry we doly aňlatmak ukybyna eýedir.

Azat GYLYJOW,
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.

*Çeşmesi: “Edebiýat we sungat” gazeti, 28.10.2022ý.* Edebi makalalar